# Hudaýa doga arkaly ýakynlaş (I bölüm)

Bu ýumuşlar jw.org saýtyndaky «Mukaddes Ýazgylar näme öwredýär?» kitabynyň 17-nji babyna esaslanýar.

**MAKSADY: Nämä ynanýandygyňy we näme üçin ynanýandygyňy barlamak; Mukaddes Ýazgylaryň näme öwredýändigini bilmek we ynanýan zatlaryňy adamlara düşündirmek.**



## HUDAÝ ÄHLI DOGALARY DIŇLEÝÄRMI?

### 1 YNANÝAN ZATLARYŇ BARADA GÖZLEG GEÇIR

Näme üçin käbirleri bu soraga «hawa» diýer?

Näme üçin käbirleri bu soraga «ýok» diýer?

*Sen* nämä ynanýarsyň?

Näme üçin ynanýarsyň?



www.jw.org © 2017 Watch Tower Bible and Tract Society of Pennsylvania

## 2 MUKADDES ÝAZGYLARYŇ NÄME ÖWREDÝÄNDIGINI BIL

**Hudaý özüni ýürekden agtarýan adamlaryň edýän islendik dogasyny diňleýär.**

(«Mukaddes Ýazgylar öwredýär» kitabynyň 17-nji babynyň 1—4-nji abzaslaryna seret).

**Filipililer 4:6, 7-nji aýatlary oka.**

Doga edip bir zat dilänimizde näme üçin minnetdarlyk aýtmagy ýatdan çykarmaly däl?

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

**Ýakup 4:8-i oka.**

Doga nädip Ýehowa bilen dostlugymyzy berkitmäge kömek edýär?

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________



**Dostumyzyň diňe özüne gerek wagty däl-de, mydama gürleşmäge taýyndygyny görenimizde begenýäris. Şonuň ýaly, Ýehowa-da hemişe doga edip ýüregimizi dökenimizde begenýär**



www.jw.org © 2017 Watch Tower Bible and Tract Society of Pennsylvania

## Hudaý edýän dileglerine görä hereket edýän adamlaryň dogasyny diňleýär.

(«Mukaddes Ýazgylar öwredýär» kitabynyň 17-nji babynyň 5—8-nji abzaslaryna seret).

**Markus 11:24; Ýakup 2:26-njy aýatlary oka.**

Hudaý dogalarymyzy diňlär ýaly iman etmek näme üçin wajyp we muny nädip görkezmeli?

**Matta 6:11; 2 Selanikliler 3:10-njy aýatlary oka.**

Edýän dogalarymyza görä hereket etmegiň wajypdygyny görkezýän mysal getir.

Näme üçin *sen* doga etmek sowgadyny gymmat saýýarsyň?



www.jw.org © 2017 Watch Tower Bible and Tract Society of Pennsylvania

## 3 YNANÝAN ZATLARYŇY DÜŞÜNDIR

KIMDIR BIRI ŞEÝLE DIÝSE:

**Hudaý ähli dogalary diňleýär.**

ŞEÝLE DIÝIP BILERSIŇ:

**Köp adamlar şeýle garaýyşda. Ýöne Mukaddes Ýazgylarda munuň beýle däldigi aýdylýar. Sebäbi...**

Oňa haýsy aýady okap berersiň?

Adamyň garaýşyny göz öňünde tutup, şol aýady nädip düşündirersiň?

KIMDIR BIRI ŞEÝLE DIÝSE:

**Doga etmek ýöne bir adamyň ýüregine giňlik berýär.**

ŞEÝLE DIÝIP BILERSIŇ:

**Köp adamlar munuň bilen ylalaşýar, ýöne men başgaça pikir edýärin. Sebäbi...**

Oňa haýsy aýady okap berersiň?

Adamyň garaýşyny göz öňünde tutup, şol aýady nädip düşündirersiň?



www.jw.org © 2017 Watch Tower Bible and Tract Society of Pennsylvania